# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**EDEBIÝAT**

1. Twiplomacy, Twiplomacy Study. 31.05.2016.

2. *Craig Hayden.* The rhetoric of soft power: Public diplomacy in global contexts. Lanham, Lexington Books. 2012.

3. *James Pamment*. New public diplomacy in the 21st century: A comparative study of policy and practice. New York, Routledge, 2012.

4. *Eytan Gilboa.* Searching for a theory of public diplomacy, in: The annals of the American academy of political and social science. Vol. 616, No. 1, 2008.

5. *Garath Jowett & Victoria O'Donnell.* Propaganda and persuasion. Thousand Oaks, California, Sage, 2012.

6. *Claudia Archetti*. The impact of new media on diplomatic practice: an evolutionary model of change, in: The Hague Journal of Diplomacy. Vol. 7, No. 2, 2012.

7. *Eytan Gilboa.* Diplomacy in the media age: Three models of uses and effects, in: Diplomacy & Statecraft. Vol. 12, No. 2, 2001.

8. *Robert Entman*. Theorizing mediated public diplomacy, in: The International Journal of Press/Politics, Vol.13, No.84, 2008.

9. *James Pamment*. New public diplomacy in the 21st century: A comparative study of policy and practice. Routledge, New York, 2012.

10. *Jan Melissen.* The New Public Diplomacy: Soft Power in International Relations, New York, Springer, 2005.

11. *Sheryl Brown & Margarita Studemeister*. Virtual diplomacy: rethinking foreign policy practice in the information age, in: Information & Security. Vol. 7, 2001.

12. *Evan Potter*. Cyber-diplomacy: managing foreign policy in the twenty-first century. Montreal, McGill-Queens University Press, 2002.

13. *James K., Glassman*. Public Diplomacy 2.0: A new approach to global engagement. Washington DC, New America Foundation, December, 2008.

14. *Joseph Nye.* Public diplomacy and soft power, in: ANNALS of the American Academy of Political and Social Science. Vol. 616, 2008.

**Annajemal Kurbanýazowa,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

## TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA DIPLOMATIÝASYNDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ULANYLYŞYNYŇ MILLI TEJRIBESI

Energetika diplomatiýasy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň iň esasy ugurlarynyň biri. Bu ugur özünde daşary syýasat bilen baglanyşykly birnäçe meseleleri jemleýär. Olara energogöterijileriň durnukly üpjünçiligi, olaryň ählumumy elýeterliligi, uglewodorod serişdeleriniň we elektroenergiýanyň köpugurly ugradylmagy, "pes uglerodly" energetikanyň ösdürilmegi bilen baglanyşykly meseleler degişlidir. Bu meseleler toplumy ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn çäklerde

geçirilýän gepleşikleriň iň möhüm, käbir halatlarda bolsa çylşyrymly meselesi hökmünde häsiýetlendirilýär. Bu syýasatyň, ilkinji nobatda, döwletleriň sebit we global derejelerdäki gatnaşyklara öz täsirini ýetirýänligini dünýä tejribesi hem yzygiderli görkezip gelýär. Energetika diplomatiýasy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň işjeň ösdürilýän ugurlarynyň biri hökmünde tapawutlanýar. Munuň aýdyň subutnamasy bolup, daşary syýasat edaranyň düzüminde halkara ykdysady gatnaşyklary bölüminiň döredilmegi, Türkmenistanyň Energetika Hartiýasynyň Konferensiýasyna ýolbaşçylyk eden döwründe guramanyň ýanynda Türkmenistanyň wekiliniň bellenilmegi we başga-da birnäçe mysallar çykyş edýär. Munuň özi, energetika diplomatiýasynyň halkara gatnaşyklaryna ýetirýän täsiri boýunça ykdysady diplomatiýanyň bir ugry bolmak bilen berk baglanyşyklydyr [1].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda amala aşyrylýan daşary syýasy strategiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň aýdyň subutnamalarynyň biri hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan we netijeli hyzmatdaşlygynyň barha belent sepgitlere ýetmeginde görünýär. Hemişelik bitaraplyk ýörelgelerine gyşarnyksyz eýerýän we olardan gelip çykýan halkara borçnamalaryny berk berjaý edýän Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn we netijeli hyzmatdaşlygy hil we mazmun taýdan barha baýlaşdyrýar. Munuň özi bolsa parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy üpjün etmek global syýasy, ykdysady, ýaşaýyş-durmuş meseleleri çözmegiň derwaýys we geljegi uly ugurlaryny kesgitlemekde, herekete girizmekde wajyp esas bolup hyzmat edýär. Şu jähetden, Türkmenistanyň halkara başlangyçlary parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça bilelikdäki tagallalary, ilkinji nobatda bolsa, BMG-niň çäklerindäki bilelikdäki hereketleri we netijeli ädimleri artdyrmaga gönükdirilendir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň durmuşa geçirýän parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ugry diňe bir milli bähbitleri üpjün etmek ýörelgelerine laýyk gelmek bilen çäklenmän, eýsem dünýä bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlaryny, halkara durnuklylygynyň we howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň ählumumy kadalarynyň netijeli amala aşyrylmagyna gönükdirilýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara hukuk we daşary syýasy taýdan kuwwatly we mizemez binýada daýanmak bilen bir hatarda, häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmekde ygtybarly we işjeň gural bolup hyzmat edýär. Onuň subutnamasy hökmünde ýurdumyzyň köptaraplaýyn diplomatiýasynyň çäklerinde amala aşyrylýan işleri çykyş edýär [2].

2015-nji ýylda “Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasynyň” we “Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasynyň” kabul edilmegi ýurduň önümçiligini oňyn guramak, öndürilen taýýar önümleriň dünýä bazarlaryna amatly nyrhlar bilen ýerlemäge hem-de Türkmenistanyň bazar şertlerinde bäsdeşlige ukyplylygyny

ýokarlandyrmaga uly mümkinçilik döredýär. Türkmenistanyň halkara ykdysady gatnaşyklarynyň iň möhüm ugurlarynyň biri-de uglewodorod serişdelerini eksport etmek bolup durýar. “Gaffney Cline & Associates” britan kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan 2012-nji ýylda geçirilen garaşsyz halkara auditiniň netijesine görä, tebigy gazyň “Galkynyş” gaz ýatagynyň kuwwaty 26,2 trillion kub metre deň bolup, Eýranyň we Kataryň serhet ýakasynda ýerleşen, kuwwaty 28,3 trillion kub metre barabar bolan “Günorta Pars” ýatagyndan soňra, dünýäde ikinji orunda durýar. Umumy gazyň möçberi boýunça Türkmenistan dünýäde 4-nji orunda durýar. Tebigy gazy ulanmakda atmosfera goýberilýän kömürturşy gazynyň mukdary kömürden bäş, nebit önümlerinden üç esse azdyr. Bu görkezijiniň geljekde ýurdumyzyň ekologik görkezijilerini gowulandyrmakda wajyp orny bardyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ähli ilatly nokatlarynyň doly gaz bilen üpjün edilmegi daşky gurşawy goramakda, ekologik ýagdaýlary gowulandyrmakda “Biodürlülik baradaky”, “Çölleşmäge garşy göreş baradaky”, şeýle-de “Howanyň üýtgemegi baradaky” halkara Konwensiýalary boýunça döwletimiziň alan borçnamalaryny ýerine ýetirmekde örän wajyp ähmiýete eýedigini bellemek zerurdyr.

Türkmenistan Halkara Energetika Hartiýasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. 2016-njy ýylyň 25–26-njy noýabrynda Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäherinde geçirilen halkara Energetika Hartiýasynyň konferensiýasynda Türkmenistan 2017-nji ýyldaky bu Konferensiýasynyň başlyklygyna saýlanyldy. Bu waka ýurdumyzyň abraýyny we Gahryman Arkadagymyzyň energetika hyzmatdaşlygy boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň uly goldawa eýe bolýandygyny görkezýär. 2017-nji ýylda Halkara Energetika Hartiýasynyň “Energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça köptaraplaýyn çarçuwaly ylalaşyga tarap ýol” atly Aşgabat forumynyň geçirilmegi Türkmenistanyň energetika diplomatiýasynyň abraýyny has-da ýokary galdyrdy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64, 65, 66 we 70-nji mejlisleriniň barşynda ýurdumyzyň öňe süren beýleki başlangyçlary hem uly seslenmä eýe boldy we dünýä metbugatynda giňden beýan edildi. Ýakyn wagtda durnukly energetikanyň hukuk, institusional we maglumat esaslaryny öz içine alýan täze halkara usulyny döretmek pikirini öňe sürmek boýunça işler güýçlendiriler. Şu maksat bilen Türkmenistan özüniň Energetika Hartiýasynyň Konferensiýasyna 2017-nji ýylda başlyklyk etmeginiň çäklerinde, şeýle hem soňky ýyllarda ählumumy energetikada hyzmatdaşlyk etmegiň açyk, adalatly we aýdyň ýörelgeleriniň ykrar edilmegine ýardam berer. Energiýa howpsuzlygy XXI asyrda dünýäde bolup geçýän durnukly ösüşiň hem-de öňdengörüjilikli ýagdaýlaryň esasy ölçegi hasaplanýar. Russiýa Federasiýasynyň Ylymlar akademiýasynyň Energetika barlaglar institutynyň bilermenleriniň çaklamasyna göra, Türkmenistan arassa tebigy gazy daşary ýurtlara çykarmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň hatarynda durýar [3].

Türkmenistanyň teklibi bilen “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün

etmekde onuň hyzmaty” hakynda Rezolýusiýanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde 192 döwletiň biragyzdan ses bermegi esasynda kabul edilmegi bütindünýä energiýa üpjünçilik ulgamynyň howpsuzlygyny ýola goýmaga ägirt uly täsirini ýetirýär. Bütindünýä energiýa üpjünçilik ulgamynyň esasy emele getirijileriniň biri hökmünde biziň döwletimiz çykyş edýär. Bu taryhy mejlisde öz aýdyň beýanyny tapan garaýyşlara, düýpli tekliplere nazar aýlanymyzda, Türkmenistanyň oňyn energetika diplomatiýasy halkara guramalaryň arasynda giň goldawa eýe bolýar we umumadamzat energetika howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerini çözmekde esasy orny eýeleýär [4].

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň energetika diplomatiýasynda gazanan ýene bir üstünligi 2023-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 49-njy plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda “Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny” atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegidir. Türkmenistanyň başlangyjy bilen işlenip düzülen Kararnama 38 döwlet awtordaşlyk etdi. Kararnama ykdysady integrasiýany we durnukly ösüşi üpjün etmek üçin milli, sebit we dünýä derejesinde energiýa birikmesiniň ygtybarlylygyny hem-de durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, esasan-da, hemmeler üçin elýeterli, ygtybarly, dowamly we döwrebap energiýa çeşmelerini üpjün etmekde durnukly ösüş pudagynda halkara hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi talap edýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýylyň 22-nji dekabrynda geçirilen mejlisinde “Energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň taýýarlamak işleriniň alnyp barylýandygy barada habar berildi. Şeýle hem Türkmenistan 2024-nji ýylyň başynda strategiýalary ara alyp maslahatlaşmak, energiýa birikmesini hem-de energiýa çeşmeleriniň hereketini güýçlendirmek ugrundaky hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, durnukly ösüşi gazanmakda we içerki energiýa çeşmeleri çäkli ýurtlaryň isleglerini kanagatlandyrmakda olaryň esasy ornuny ykrar etmek arkaly halkara hünärmenler duşuşygyny geçirmegi teklip etdi.

Energetika diplomatiýasy Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynda möhüm orny eýeleýär. Türkmenistan uglewodorod çig malynyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, senagaty ýokary tehnologiýalar bilen üpjün etmek, ägirt uly möçberlerde maýa goýumlaryny çekmek arkaly ýurdumyzyň ykdysadyýetini depginli ösdürmegi esasy wezipe edip goýýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzda ýangyç we energetika serişdelerini tygşytly hem-de netijeli ulanmaga uly üns berilýär. Bu ugurda alnyp barylýan işleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek boýunça hem zerur çäreler geçirilýär. Bu ulgama innowasiýalary, ýokary tehnologiýalary we öňdebaryjy dünýä tejribesini ornaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Türkmenistan BMG-niň ählumumy energetika giňişliginde işleri alyp barmagyň umumy ýörelgelerini berjaý etmäge niýetlenen häzirki zaman halkara hukuk guralyny işläp taýýarlamak boýunça halkara bilermenler

toparynyň işine işjeň ýardam bermegini dowam eder. Sanly tehnologiýalaryň ösdürilmegi bu günki günde önümçilik gatnaşyklarynyň, hyzmatlar ulgamynyň ösmegi we çylşyrymlaşmagy, tehnologik hem-de düzümleýin ilerlemäniň ýokary depgini, çözgütleriň köpdürlüligi bilen bagly täze şertleriň döremegi dolandyryşyň çeýe görnüşine bolan zerurlygy ýüze çykarýar [5].

**EDEBIÝAT**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
2. *Geldiýew H., Suwhanow N.* Halkara energetika howpsuzlygy. – A.: TDNG, 2017.
3. *Karaýew B., Gurbanow N., Joraýew G.* Türkmenistanyň daşary syýasaty. – A.: TDNG, 2017.
4. iirmfatm@iirmfa.edu.tm,%20iirmfatm@sanly.tm.
5. https://www.turkmenmetbugat.gov.tm/tk/articles.



**Merjen Taganowa,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ BMG-NIŇ ÝÖRITELEŞDIRILEN EDARALARY BILEN HYZMATDAŞLYGYNYŇ ESASY UGURLARY

Birleşen Milletler Guramasy – bu parahatçylygy goldamak hem-de ýurtlaryň arasynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin özygtyýarly döwletleriň meýletin birleşmegi esasynda döredilen halkara guramalaryň biri. Ilkinji gezek şeýle guramany döretmek meselesi 1943-nji ýylyň oktýabrynda Moskwada, soň 1944-nji ýylda Dumwarton-Oksda (ABŞ-da) SSSR-iň, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň wekilleriniň maslahatynda çözüldi. 1945-nji ýylyň fewralynda üç beýik döwletiň Ýalta (Krym) konferensiýasynda şeýle halkara guramany döretmek meselesi gutarnykly çözüldi. Bu gurama 1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde San-Fransiskoda (ABŞ-da) geçirilen konferensiýada döredildi. Şol ýylyň 26-njy iýunynda 50 ýurduň wekilleri biragyzdan BMG-niň Düzgünnamasyny kabul edilip, ol Düzgünnama 24-nji oktýabrda güýje girýär. Şondan bäri 24-nji oktýabr BMG-niň döredilen güni hökmünde bellenip geçilýär. BMG-niň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri Nýu-Ýork, onuň Ýewropadaky merkezi Ženewa şäheridir. BMG-niň maksady, onuň öz Düzgünnamasynda ýazylyşy ýaly, “parahatçylyga salynýan howpuň öňüni almak hem-de ýok etmek we agressiýa aktlaryny ýatyrmak üçin” toparlaýyn çäreler görmek bilen, parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamakdan, milletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýmakdan, ykdysady, sosial, medeni hem-de gumanitar häsiýetdäki halkara meselelerini çözmekde hyzmatdaşlygy amala